Türkmenistanyň Sport we ýaşlar
syýasaty ministriniň
2019-njy ýylyň 10-njy dekabrynda
çykaran 748-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Bedenterbiýe we sport guramasy tarapyndan türgeni hasaba almagyň, türgeniň hasaba alnandygy hakynda şahadatnamany bermegiň, çalyşmagyň, türgeniň hasaba alnandygy hakynda maglumatlary bermegiň hem-de bedenterbiýe we sport guramasy tarapyndan hasaba alnan türgenleriň Türkmenistan boýunça hasabyny ýöretmegiň tertibi

1. Şu Bedenterbiýe we sport guramasy tarapyndan türgeni hasaba almagyň, türgeniň hasaba alnandygy hakynda şahadatnamany bermegiň, çalyşmagyň, türgeniň hasaba alnandygy hakynda maglumatlary bermegiň hem-de bedenterbiýe we sport guramasy tarapyndan hasaba alnan türgenleriň Türkmenistan boýunça hasabyny ýöretmegiň tertibi (mundan beýläk - Tertip) “Bedenterbiýe we sport hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 42-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

Şu Tertip Bedenterbiýe we sport guramasy (mundan beýläk – sport gurama) tarapyndan türgeni hasaba almagyň, türgeniň hasaba alnandygy hakynda şahadatnamany (mundan beýläk - şahadatnama) bermegiň, çalyşmagyň, türgeniň hasaba alnandygy hakynda maglumatlary bermegiň hem-de sport guramasy tarapyndan şu Tertibe laýyklykda hasaba alnan türgenleriň Türkmenistan boýunça hasabyny ýöretmegiň tertibini kesgitleýär.

2. Türgeniň hasaba alynmagy şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) türgeniň saglyk ýagdaýyna fiziki agramlaryň deň gelmegine baha bermekligine;

2) Türkmenistanyň kanunçylygynda görkezilen degişli möhletlerde lukmançylyk barlagdan geçendiginiň we lukmançylyk barlagynyň netijeleri boýunça bedenterbiýe-sagaldyş, köpçülikleýin sport we sport çärelerine gatnaşmaga rugsadynyň bardygynyň seljerilmegini;

3) hökmany lukmançylyk barlagyny geçmedik we sportuň görnüşi boýunça degişli taýýarlygy bolmadyk türgenleriň gatnaşdyrylmagynyň öňüniň alynmagyny;

4) sport görnüşleri boýunça meşgullanýan türgenleriň hasabynyň ýöredilmegini.

3. Şahadatnama türgeniň sport guramasyna we onuň sport hünärine degişliligini tassyklaýan ýeke-täk nusgaly resminamadyr.

4. Sportuň saýlanyp alnan görnüşi (görnüşleri) bilen yzygiderli meşgullanýan we sport ýaryşlarynda çykyş edýän türgen hasaba alynmaga degişlidir. Türgeniň hasaba alynmagy sport guramasy tarapyndan amala

aşyrylýar. Sport guramasy tarapyndan türgenleriň hasaba alynmagy Türgenleri hasaba alyş kitabynda (şu Tertibe 1-nji goşundy) degişli ýazgylary etmek arkaly amala aşyrylýar.

5. Türgen hasaba alynmagy üçin sport guramasyna arza bilen ýüz tutmalydyr we arzanyň ýanyna şu aşakdakylary goşmalydyr:

1) şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň göçürmesini;

2) 3x4 möçberdäki iki sany reňkli suratyny;

3) lukmançylyk gözegçiliginden geçendigi hakynda degişli saglygy goraýyş edarasyndan alnan saglygy goraýyş resminamasyny.

6. Sport guramasy şu Tertibiň bäşinji böleginde görkezilen resminamalaryň gelip gowşan gününden başlap 15 (on bäş) senenama gününiň dowamynda resminamalara seredýär we türgeni hasaba almak ýa-da hasaba almakdan ýüz döndermek hakynda çözgüt çykarýar. Türgen babatynda türgeni hasaba almak hakynda çözgüt çykarylan bolsa, onda oňa Türgeniň hasaba alnandygy hakynda şahadatnama (şu Tertibe 2-nji goşundy) berilýär.

7. Şahadatnamada şu aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

1) familiýasy, ady, atasynyň ady;

2) jynsy;

3) doglan senesi;

4) sport guramasyna degişliligi;

5) sportuň we sport ugurlarynyň saýlanyp alnan görnüşleri;

6) sport razýadlaryny we sport atlaryny bermek hakynda maglumatlar;

7) sport razýadlaryny bermek üçin gerek bolan ölçegleriň we talaplaryň ýerine ýetirilişiniň tassyklanandygy hakynda maglumatlar;

8) türgeniň lukmançylyk gözden geçirilişden geçendigi hakynda bellik;

9) sport ýaryşlarynda gazanylan netijeler;

10) sport ýaryşlaryndan mahrum edilmek hakynda maglumatlar;

11) döwlet sylaglary hakynda we höweslendirmegiň beýleki görnüşleri hakynda maglumatlar;

12) tälimçiniň familiýasy, ady, atasynyň ady;

13) türgeniň sport taýýarlygyny geçen guramalary hakynda we şeýle taýýarlygyň dowamlylygy hakynda maglumatlar;

14) sportuň saýlanyp alnan görnüşleriniň aýratynlygy bilen baglanyşykly beýleki maglumatlar;

15) sport guramasynyň ady;

16) sport guramasynyň başlygynyň goly we familiýasy, ady, atasynyň ady;

17) berlen wagty.

8. Eger-de türgen şu Tertibiň ikinji böleginde görkezilenlere laýyk gelmedik hem-de ol tarapyndan şu Tertibiň bäşinji böleginde görkezilen resminamalary talabalaýyk getirmedik ýagdaýynda, Sport guramasy türgeni hasaba almakdan ýüz döndermek hakynda çözgüt çykarýar.

Türgeni hasaba almakdan ýüz döndermek hakynda çözgüt çykarlan ýagdaýynda, bu barada sport guramasy tarapyndan türgene sebäbi görkezilip habar berilýär.

9. Şahadatnama türgeniň şahsy resminamasy bolup durýar, ony üçünji bir tarapa bermek, oňa üýtgetmeleri, goşmaçalary ýa-da düzedişleri girizmek gadagan edilýär.

10. Sport guramalary berlen şahadatnamalaryň kagyz we elektron görnüşde hasabatyny ýöredýärler. Ol kagyz görnüşindäki hasabat Türgeniň hasaba alnandygy hakynda şahadatnamalary hasaba alyş kitabynda (şu Tertibe 3-nji goşundy) ýöredilýär hem-de elektron maglumatlar toplumynda saklanylýar.

11. Sport guramalary türgen hasaba alnan gününden başlap 10 (on) senenama gününiň dowamynda Türgeniň hasaba alnandygy hakyndaky hödürlenilýän maglumatlarynda (şu Tertibe 4-nji goşundy) bellenilen görnüşde türgeniň hasaba alnandygy hakyndaky maglumatlaryny Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligine berýärler. Ministrlikde sport guramasynyň beren maglumatlaryna görä Bedenterbiýe we sport guramalarda hasaba alnan türgenleriň hasaba alyş kitabyna (şu Tertibe 5-nji goşundy) laýyklykda türgenleriň Türkmenistan boýunça hasaby ýöredilýär.

12. Şahadatnamany çalşyrmak şu aşakdaky ýagdaýlarda amala aşyrylýar:

1) şahadatnamadaky görkezilen maglumatlar üýtgese;

2) şahadatnama ýitirilende, ogurlananda, zaýalananda ýa-da oňa zyýan ýetende (ulanyp bolmajak ýagdaýa getirilen bolsa).

13. Şu Tertibiň on ikinji böleginde görkezilen ýagdaýlar ýüze çykan ýagdaýynda, şahadatnamany beren sport guramasy tarapyndan türgeniň arzasynyň esasynda ýüz tutulan gününden başlap 5 (bäş) senenama gününiň dowamynda şahadatnama çalşyrylyp berilýär. Türgen şahadatnamasyndaky maglumatlar üýtgän ýagdaýynda, bu barada sport guramasyna, sport guramasy bolsa, şol maglumatlaryň gelip gowşan gününden başlap, 2 (iki) iş gününiň dowamynda Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligine habar bermelidir.

14. Şahadatnamalaryň blankalary sport guramalaryň buýurmalary boýunça taýýarlanylýar we berk hasabatlylykdaky resminamalar bolup durýar.

Sport guramalary tarapyndan şahadatnamalaryň blankalarynyň hasaby ýöredilýär, olar saklanylýar we bellenilen tertipde ýok edilýär.

Türgeniň hasaba alnandygy hakynda
şahadatnamany ýöretmegiň, bermegiň, çalyşmagyň,
türgeniň hasaba alnandygy hakynda maglumatlary
bermegiň tertibine 1-nji goşundy

**Türgenleri hasaba alyş kitaby**

| T/b | Türgeniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Türgeniň doglan ýeri we senesi | Türgeniň meşgulla-nýan Sport görnüşi | Türge-niň sport derejesi | Türgeniň ýaşaýan welaýaty, şäheri, etraby | Türgeniň tälimçisi | Türgeniň hasaba alnan belgisi we senesi | Sport guramasy tarapyndan berlen türgeniň hasaba alnandygy hakynda şahadatna-manyň belgisi we onuň berlen senesi | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
| | | | | | | | | | |

Türgeniň hasaba alnandygy hakynda
şahadatnamany ýöretmegiň, bermegiň, çalyşmagyň,
türgeniň hasaba alnandygy hakynda maglumatlary
bermegiň tertibine 2-nji goşundy

## Türgeniň hasaba alnandygy hakynda şahadatnama

<table>
<tr><td rowspan="4">Surat<br>3x4</td><td>Familiýasy, ady, atasynyň ady:</td><td></td></tr>
<tr><td>Jynsy:</td><td rowspan="3"></td></tr>
<tr><td>Doglan senesi:</td></tr>
<tr><td></td></tr>
<tr><td colspan="3">sport guramasyna degişliligi:</td></tr>
<tr><td colspan="3">sportuň we sport ugurlarynyň saýlanyp alnan görnüşleri:</td></tr>
<tr><td colspan="3">sport razýadlaryny we sport atlaryny bermek hakynda maglumatlar:</td></tr>
<tr><td colspan="3">sport razýadlaryny bermek üçin gerek bolan ölçegleriň we talaplaryň ýerine ýetirilişiniň tassyklanandygy hakynda maglumatlar:</td></tr>
<tr><td colspan="3">türgeniň lukmançylyk gözden geçirilişden geçendigi hakynda bellik:</td></tr>
<tr><td colspan="3">sport ýaryşlarynda gazanan netijeleri:</td></tr>
<tr><td colspan="3">sport ýaryşlaryndan mahrum edilmek hakynda maglumatlar:</td></tr>
</table>

| |
|---|
| döwlet sylaglary hakynda we höweslendirmegiň beýleki görnüşleri hakynda maglumatlar: |
| tälimçiniň familiýasy, ady, atasynyň ady: |
| türgeniň sport taýýarlygygyny geçen guramalary hakynda we şeýle taýýarlygyň dowamlylygy hakynda maglumatlar: |
| sportuň saýlanyp alnan görnüşleriniň aýratynlygy bilen baglanyşykly beýleki maglumatlar: |
| Sport guramasynyň ady_______________________________________________<br><br>Başlygy ____________ ___________________________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)<br>M.Ý.<br><br>Berlen wagty: "___" ___________ 20____ ý. |

Türgeniň hasaba alnandygy hakynda
şahadatnamany ýöretmegiň, bermegiň, çalyşmagyň,
türgeniň hasaba alnandygy hakynda maglumatlary
bermegiň tertibine 3-nji goşundy

## Türgeniň hasaba alnandygy hakynda şahadatnamalary hasaba alyş kitaby

| T/b | Türgeniň hasaba alnan belgisi we senesi | Şahadatnama almak üçin ýüz tutýan türgeniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Şahadatnama almak üçin ýüz tutýan türgeniň meşgullanýan sport görnüşi | Şahadatnamanyň berlendigi ýa-da bermekden ýüz dönderlendigi hakynda maglumat | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | |

Türgeniň hasaba alnandygy hakynda
şahadatnamany ýöretmegiň, bermegiň, çalyşmagyň,
türgeniň hasaba alnandygy hakynda maglumatlary
bermegiň tertibine 4-nji goşundy

## Türgeniň hasaba alnandygy hakyndaky hödürlenilýän maglumatlar

| T/b | Maglumaty iberen bedenterbiýe sport guramasynyň ady | Türgeniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Türgeniň doglan ýeri we senesi | Türgeniň meşgullanýan sport görnüşi | Türgeniň sport derejesi | Türgeniň ýaşaýan ýeri (welaýa-ty, şäheri, etraby) | Türgeniň tälimçisi | Türgeniň hasaba alnan belgisi we senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |

Türgeniň hasaba alnandygy hakynda
şahadatnamany ýöretmegiň, bermegiň, çalyşmagyň,
türgeniň hasaba alnandygy hakynda maglumatlary
bermegiň tertibine 5-nji goşundy

## Bedenterbiýe we sport guramasynda hasaba alnan türgenleriň hasaba alyş kitaby

| T/b | Maglumaty iberen bedenterbiýe we sport guramasynyň ady | Türgeniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Türgeniň doglan ýeri we senesi | Türgeniň meşgullanýan sport görnüşi | Türgeniň sport derejesi | Türgeniň ýaşaýan ýeri (welaýa-ty, şäheri, etraby) | Türgeniň tälimçisi | Türgeniň hasaba alnan belgisi we senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| | | | | | | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2019-njy ýylyň 27-nji dekabrynda 1287 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.